Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz —Watana gulluk etmek!

Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№1 (150) 2026-njy ýylyň 10-njy ýanwary



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**1-nji ýanwarda** Döwletliler köşgüniň baýramçylyk öwüşgininde bezelen zalynda Täze ýyl mynasybetli dabara geçirildi. Onuň dowamynda bu ýerde terbiýelenýän çagalara hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgatlar gowşuryldy.

***

**2-nji ýanwarda** Arkadag şäheriniň häkimliginde 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy mynasybetli hem-de ýylyň nyşanynyň many-mazmunyny giňden wagyz etmek maksady bilen aýdym-sazly dabaraly maslahat geçirildi. Ol Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň giň gerimli tagallalary netijesinde täze taryhy eýýamda ahalteke bedewiniň Türkmenistanyň esasy nyşanyna, döwürleriň we nesilleriň aýrylmaz arabaglanyşygynyň aýdyň alamatyna öwrülendigini ýüze çykardy.

***

**3-nji ýanwarda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow jenap Gi Parmeline Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Prezidenti wezipesine girişmegi mynasybetli, tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyz mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Gi Parmeline berk jan saglyk, bagtyýarlykhem-de Şweýsariýanyň mundan beýläk-de öňegitmeginiň, gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barjakişlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

***

**4-nji ýanwarda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Prezidenti Frank-Walter Ştaýnmaýere şanly 70 ýaş toýy mynasybetli, tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

«Ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklar yzygiderli berkidilýär we mazmun taýdan baýlaşdyrylýar. Biz ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine hem-de täze sepgitlere ýetirilmegine ulyähmiýet berýäris» diýip, döwlet Baştutanymyz hatynda belleýär.

Hormatly Prezidentimiz ýakymly mümkin-çilikden peýdalanyp, Federal Prezident Frank-Walter Ştaýnmaýere berk jan saglyk, bagtyýarlyk, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň halkynyň abadançylygyna we gülläp ösmegine gönükdirilen ähli başlangyçlarynda uly üstünlikleri arzuw etdi.

***

**5-nji ýanwarda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşyklymeselelere garaldy.

***

**8-nji ýanwarda** Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Hindistan RespublikasynyňTürkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarlyIlçisi Bandaru Wilsonbabu bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda taraplar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda türkmen-hindi gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek meseleleri boýunça pikir alyşdylar.

***

**8-nji ýanwarynda** Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenkonyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşykda taraplar Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk bilen baglanyşykly giň gerimli meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### PRESENTATION OF THE COLLECTION OF POEMS BY MAGTYMGULY FRAGI TRANSLATED INTO THE ROMANIAN LANGUAGE

On January 8, 2026, the presentation ceremony of the collection of poems by the Eastern thinker and classical poet Magtymguly Fragi, translated into the Romanian language was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

The event was attended by the leadership and staff members of the Ministry of Foreign Affairs, chiefs of diplomatic missions and representative offices of international organizations accredited in Turkmenistan, heads of diplomatic missions and consular offices of Turkmenistan abroad, as well as faculty members, students of the Institute and representatives of mass media.

During the presentation, speeches were made by Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Myahri Byashimova, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Romania to Turkmenistan Ion Naval, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan to Romania Annamammet Annayev, Rector of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan



Gulshat Yusupova, the research fellow at the Institute of Language, Literature and National Manuscripts named after Magtymguly of the Academy of Sciences of Turkmenistan Nargul Atasheva, lecturer of the Turkmen State University named after Magtymguly Lyale Ashirova, and the Vice-Rector of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan Begench Matliyev.

During the event, the speakers noted that the work of the great Turkmen poet Magtymguly Fragi continues to attract great interest and popularity worldwide regardless of the centuries passed. The works by the poet that call to patriotism, peace, humanism, goodwill, friendly and fraternal relations, mutual trust, as well as respect published in various languages clearly demonstrates their great significance today.

As an important component of interstate relations, the cultural and humanitarian sphere provides a strong foundation for expanding fruitful cooperation. In this context, the significance of translating Magtymguly Fragi's poems into the Romanian language was emphasized as an important element in developing friendly relations between the two nations, as well as providing the Romanian people with a great opportunity to become deeply acquainted with the work of the great poet.

The participants of the presentation expressed confidence that this event will provide a powerful impetus to strengthening cultural and humanitarian ties between Turkmenistan and Romania, and noted its important role in promoting the cultural heritage, ancient values, and national art.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTAN — BEDEW BATLY AT-MYRADYŇ MEKANY

Türkmenistanyň häzirki ösüş ýoluna ser salsak, onuň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen taryhy tejribe, döwletlilik däpleri we ruhy gymmatlyklar bilen baglanşyklydygyny aýdyň görmek bolýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan ýylymyz ýurdumyzda ata-babalarymyzyň döwlet dolandyrylyşynda toplan tejribisiniň, halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan däp-dessurlarynyň dowamat dowam bolýandygyny aýdyňlygy bilen tassyklaýar.

Türkmen halky taryhyň ähli döwürlerinde erkinligi, garaşsyzlygy we parahatçylygy iň ýokary gymmatlyk hasaplapdyr. Gadymy Parfiýa döwletinden başlap, Horezmşalar imperiýasyna çenli bolan döwürlerde türkmenler diňe bir kuwwatly döwletleri döretmek bilen çäklenmän, eýsem, beýleki ýurtlar bilen diplomatik gatnaşyklary berkitmäge aýratyn ähmiýet beripdirler. Seljuk soltanlary bolan Alp Arslanyň, Mälik şanyň döwründe döwlet dolandyrylyşy, parahatçylykly syýasat we beýleki halklar bilen ysnyşykly, düşünişmeklik ýörelgesi esasy orunda durupdyr. Bu bolsa biziň ata Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň taryhy kökleriniň gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Behişdi bedewlerimiz hem bäş müň ýyllyk şöhratly taryhymyzyň aýrylmaz bölegidir. Ahalteke bedewi diňe bir gözelligiň we çydamlylygyň nyşany bolman, eýsem, ýeňşiň, ynamyň we belent maksatlara tarap ymtylyşyň nyşanydyr. Gadymy çeşmelerde ahalteke atlarynyň uzak ýol geçmäge ukyplylygy, eýesine wepalylygy barada köp sanly maglumatlara duş gelmek bolýar. Bedew aty — bu halkyň ruhy güýjüniň, belent maksatlara, ýagty ertirlere bolan egsilmez ynamynyň nyşanydyr. Şonuň üçin hem üstümizdäki 2026-njy ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy hemişelik Bitarap döwletimizde asuda, parahat durmuşyň hözirini görüp ýaşaýan halkymyzyň ösüşe tarap ynamly gadamlaryny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy asyrlaryň dowamynda halkyň arzuwlarynyň we belent maksatlarynyň kemala gelen mukaddes mekany bolupdyr. Biziň halkymyz hemişe asuda durmuşy, adalatly döwleti we jebis jemgyýeti arzuw edipdirler. Şahyrlaryň, akyldarlaryň we taryhy şahsyýetleriň eserlerinde beýan edilen bu arzuwlar halkyň ruhy dünýäsi bilen berk baglanyşykly bolupdyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz bolsa şol taryhy arzuwlaryň we niýetleriň wysal bolýan ýurdudyr.

Häzirki döwürde eziz Diýarymyz taryhy tejribesine daýanyp, parahatçylyk, dostluk we durnukly ösüş ýolunda ynamly öňe barýar. Şu ýylymyzyň ady bolsa geçmiş bilen geljegi baglanyşdyrýan köpri bolup, halkymyzy täze üstünliklere, beýik maksatlara we belent geljege ruhlandyrýar.

Goý, biz — talyp ýaşlaryň döwrebap bilim almagymyz, döredijilikli okamagymyz üçin taýsyz tagllalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, umumadamzat ähmiýetli işleri rowaç bolsun!

**Yhlas AGÖÝLIÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

# YNAMLY GADAMLARYŇ AK ÝOLY

Ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygy we hemişelik Bitaraplygy halkymyzyň iň uly baýlygy, belent mertebesidir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ösüşiň täze belentliklerini tarap ynamly öňe barýar. Bu gün Türkmenistan diňe bir parahatçylygyň, abadançylygyň mekany, her bir ynsanyň, aýratyn-da, ýaş nesilleriň arzyly arzuwlarynyň hasyl bolýan, maksatlarynyň myrat tapýan ýurduna öwrüldi.

Türkmen halkynyň taryhyny, şu gününi we geljegini bedew atsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Behişdi bedewler türkmen halkynyň uçar ganatydyr. Häzirki döwürde «bedew bady» diýen düşünje biziň döwletimiziň ykdysady we syýasy ösüşiniň nyşanyna öwrüldi. Gysga wagtyň içinde gurlan halkara derejesindäki döwrebap awtomobil, demir ýollary, merjen şäherimiz Aşgabadyň gözelligi, akylly şäher konsepsiýasy esasynda gurlan Arkadag şäheriniň ýurdumyzyň ägirt uly menzilleri aşýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Bu ösüşler halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyna we geljege uly ynam bilen bakmagyna şert döredýär.

Hormatly Prezidentimiziň: «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen pähiminden ugur alyp durmuşa geçirilýän beýik başlangyçlarynyň ýurdumyzda halkyň bähbidini nazarlaýar. Aýratyn-da, ýaş nesillere bolan döwlet goldawy biziň ýurdumyzyň röwşen geljeginiň kepilidir. Ýurdumyzda iň täze tehnologiýalar bilen üpjün edilen orta mekdepler we orta hünär, ýokary okuw mekdepleri hereket edýär. Ýaşlaryň dünýä dillerini öwrenmegi, sanly ulgamda kämilleşmegi we ylym bilen meşgullanmagy üçin ähli şertler bar. Türkmen ýaşlarynyň dünýäniň iň abraýly uniwersitetlerinde kämil bilim almagy, olaryň geljekde kämil hünärmen bolup ýetişmegi ugrunda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär.

Bu günki gün eziz Watanymyz Türkmenistan — durnuklylygyň, belent ösüşiň we bagtyýarlygyň nusgasydyr. Bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzda ýaşlara goýulýan uly ynam ýaş ýigitleriň we gyzlaryň kalbynda Watana bolan söýgini has-da güýçlendirýär. Biz — ýaşlar, döwletimiziň döredip berýän şeýle giň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, jana-jan Watanymyzyň at-abraýyny has da belende götermäge borçludyrys.

Goý, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda mundan beýläk-de bedew bady bilen gülläp össün! Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýyly hemişelik Bitarap Watanymyzyň at-abraýyny Ýer ýüzünde has-da belende galdyrsyn!

**Aýnur BAÝJYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

# BITARAPLYGYŇ AJAÝYP BEÝANY

Kitap asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçip gelen uly gymmatlykdyr. Döwürleriň synagyndan geçen, hiç haçan könelmeýän hazynadyr. Şonuň üçin hem ýaşlaryň bilim-terbiýesinde kitabyň orny örän uly bolup durýar. Çünki paýhasly jümleler, ylmy garaýyşlar kitaplaryň sahypasynda jemlenendir. Kitap islendik ynsan üçin iň gowy sowgatdyr. Çünki ol özünde geçmiş taryhymyz, häzirki günümiz we geljegimiz baradaky gymmatly maglumatlary saklaýar. Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň täze «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaby hem tutuş halkymyz we dünýä jemgyýetçiligi üçin ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk toýuna uly sowgat boldy. Bu bolsa ähli halkymyz bilen bilelikde biz talyp ýaşlar üçin hem buýsandyryjy waka öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitaby halkymyz üçin ajaýyp toý serpaýy boldy. Hemişelik Bitaraplygymyzyň umumadamzat ähmiýetli gymmatynyň beýany bolan «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda hormatly Prezidentimiziň adamzadyň abadançylygyny üpjün etmekde, möhüm meseleleri oňyn çözmekde, dünýäde ynanyşmagy we dost-doganlygy pugtalandyrmakda Bitaraplygyň netijeli gurallaryndan peýdalanmagyň ýollary hakynda gymmatly pikirleri beýan edilýär. Hemişelik Bitaraplygymyzyň parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekdäki ähmiýeti çuň manyly jümleleriň üsti bilen açylyp görkezilýär.

Kitapdaky: «Oňuşmak, ýaraşmak, ylalaşykda ýaşamak ähli türkmeniň bir özi ýa milleti üçin däl, eýsem, dünýäniň ähli adamlary üçin edýän ýagşy dileg-dogasynyň maňzy-mazmunydyr» diýen altyna gaplaýmaly jümleleri zamanamyzyň sesi bolup ýüreklere dolýar.

Goý, hormatly Prezidentimiziň pähim-parasatdan, many-mazmundan püre-pür kitaplaryň höwri kop bolsun! Biz — ýaşlara okamagymyz, öwrenmegimiz, döretmegimiz üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, döwlet ähmiýetli işleri elmydama rowaç bolsun!

**Ylýas ŞYHYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

# Parahatçylygyň kämil taglymaty

Ynsan ömründe kitabyň tutýan orny örän uludyr. Onda adam ahlagyny terbiýeleýji, dünýägaraýşyny, gözýetimini giňeldiji, zehinini ýiteldiji güýç bar. Çünki kitap ruhy hazynadyr. Kitap okaýarka, onda-da oňa tutuş durky-düýrmegi bilen berilýärkä, adam özüni düýbünden başgaça duýýar. Sebäbi ol bahasyz hazyna aralaşandygyny, öz içki dünýäsiniň hem baýlaşýandygyny aňlaýar. Uly höwes bilen okalýan kitaplar adama şeýle ajaýyp duýgulary bagyşlaýar. Ýaş nesilleri watansöýüji, arassa ahlakly, belent adamkärçilikli, ruhubelent, giň dünýägaraýyşly, ylymly-bilimli adamlar edip ýetişdirmekde ola-ryň kitaba söýgüsini, okamak höwesini artdyrmagyň örän uly ähmiýeti bar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň giň möçberli toý-baýramlara beslenýän günlerinde hormatly Prezidentimiziň çapdan çykan «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitaby hem ynsanperwerligi, asuda-abadan durmuşyň gadyr-gymmatyny ündeýän gymmatly eserdir.



Döwlet Baştutanymyzyň kitabynda abadançylygyň we rowaçlygyň binýadynyň birek-birege hormat goýmakdadygy, özara ynanyşmakdadygy, dostlukdadygy barada täsirli gürrüň edilýär. Bu gymmatlyklar halkymyzyň asyrlara uzaýan taryhynda möhüm durmuş ýörelgeleri hökmünde nusgalyk derejede ösdürilipdir. Halkymyz özüniň geçmiş taryhynda birnäçe beýik we kuwwatly döwletleri döredendiklerine garamazdan, parahatçylyk diplomatiýasynyň gurallaryndan netijeli ulanmaga, dawa-jenjelleri gepleşikler arkaly çözmäge çalşypdyrlar. Ata-babalarymyzdan miras galan asylly ýörelgeler bolsa Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlan we häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Bitaraplyk ruhy halkyň ýüreginde ýaşaýar.

Kitapda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň ähmiýeti, dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy üpjün etmäge gönükdirilen taryhy başlangyçlar giňden beýan edilýär. Şeýle hem aýdyň ýolda ýurdumyzda ýetilen belent sepgitleriň, ähli ugurlarda gazanylan üstünlikleriň jemi jemlenýär.

Ýeri gelende bellesek, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda adamzadyň abadançylygyna hem-de dünýäde dost-doganlygyň berkidilmegine gönükdirilen dürli çäreler geçirildi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň üçünji maslahatyna hem-de Aşgabatda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumyna dünýäniň dürli ýurtlaryndan we halkara düzümlerinden ýokary derejeli wekilýetleriň gatnaşmagy we olaryň jemleri boýunça kabul edilen resminamalar ýurdumyzyň adamzadyň abadan ýaşaýşyny üpjün etmek, dünýäde dost-doganlyk gatnaşyklary, hoşniýetliligi berkitmek işine möhüm goşant goşýandygyny ýene-de bir gezek bütin aýdyňlygy bilen äşgär etdi. Hormatly Prezidentimiziň parasatly belleýşi ýaly, dünýä – umumy öýümiz, parahatçylyk umumy geljegimizdir. Parahatçylyk diňe bir döwletiň däl, tutuş adamzadyň mukaddes borjudyr.

Döwlet Baştutanymyzyň täze kitaby dokuz bölümden ybarat bolup, onda türkmen Bitaraplygynyň geçen ýoly, ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen ykrar edilen Bitaraplyk hukuk derejesiniň dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekdäki ähmiýeti örän uludyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze eseri halkymyz üçin gymmatly gollanmadyr.

**Suraý NAZAROWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.

Каждый человек на земле, чем бы он ни занимался, играет главную роль в истории мира.

*Пауло Коэльо*

# MARGUŞ – GADYMY ÝURT

Türkmen halkynyň asyrlaryň jümmüşine uzaýan bäş müňýyllyk şöhratly taryhynda ata Watanymyz Türkmenistan ýurdumyzyň keramatly topragynda şany äleme dolan, taryhyň dürli döwürlerinde söwdanyň, medeniýetiň, ylymyň-biliminiň merkezine öwrülen dürli şäherlerdir oba-kentleriň gülläp ösendigini bu günki gün dünýä ykrar edýär. 1999-njy ýylda Merwiň, 2005-nji ýylda Köneürgenjiň, 2007-nji ýylda bolsa Nusaý taryhy ýadygärlikleriniň Birleşen Milletler Guramasynyň bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasy bolan ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulmagy munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşip, orta asyrlarda «Horasan şäherleriniň enesi» diýlen şöhratly ada eýe bolan Merw şäheri hem iň gadymy we iň oňat saklanyp galan taryhy ýadygärlikleriň, oazis şäherleriň biridir. Taryhy çeşmelerde bu şäher dürli-dürli atlandyrylypdyr. Bu şäher Ahemeniler döwletiniň patyşasy Dariý I tarapyndan belent gaýalaryň ýüzüne oýulyp ýazylan Bisütün ýazgylarynda «Marguş», otparazçylyk dininiň mukaddes kitaby bolan Awestada «Mouru», grek taryhçylarynyň ýazgylarynda «Margiana», türkmen taryhçylarynyň işlerinde bolsa «Merw» diýlip atlandyrylypdyr.



Marguşyň ilatynyň ýerleşişi. Marguş topragynyň ilaty bol suwly Murgap derýasynyň töwereginde mekan tutup, ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Ilaty bugdaý, arpa, noýba, nohut we beýleki zerur ösümlikleri ösdürip ýetişdiripdirler. Şeýle hem miweli baglara ideg edip, almanyň, armydyň, erigiň, garalynyň, alçanyň, üljäniň we üzümiň bol hasylyny etişdirmegiň ussady bolupdyrlar. Gadymy topragyň daýhanlary ýeri agaç kündä goşulan öküz bilen sürüpdirler. Atlary seýislemek bilen içgin meşgul bolupdyrlar. Marguşyň paýtagty hasaplanylýan Goňurdepeden taýçanagyň mazarynyň tapylmagy hem ata-babalarymyzyň taryhdan bedewe näderejede sarpa goýandygyny aýdyňlygy bilen tassyklaýar.

Arheologlar gadymy Marguşdan köşkleri we ybadathanalaryň galyndylaryny hem tapypdyrlar. Olaryň daşynda diňli berk diwarlar bolupdyr.

Mälim bolşy ýaly, Marguş ýurdunyň paýtagty Goňurdepe bolupdyr. Bu şäher gala görnüşinde bina edilip, käbir ýerlerinde gözegçilik etmek üçin diňler gurlupdyr. Mary welaýatynyň çäginde ýerleşýän Gadymy Marguş döwletiniň paýtagty bolan Goňurdepe şäheri açyk asmanyň astyndaky muzeý bolup durýar. Takyk bolmadyk hasaplamalara görä bu şäheriň meýdany 20 gektardan 50 gektar aralygynda bolupdyr. Bu ýerdäki patyşa köşginiň, birnäçe ybadathanalaryň galyndylary dünýä jahankeşdeleriniň ünsüni özüne çekýär.

Gadymy Marguşda küýzegärçilik, senetçilik gülläp ösüpdir. Ezber ussalar daşyň ýüzüni haşamlapdyrlar, daş ýonujylar mermer bilen bezelen sütünleriň dürli görnüşlerini ybadathanalarda goýmak üçin ýasapdyrlar. Küýzegärler owadan altyn we kümüş çaýylan küýzeler, gap-gaçlar, çäýnekler, suw akdyrmak üçin toýun turbalary ýasapdyrlar. Demirçi ussalar temenleri, iňňeleri, ekerançylyga we hojalyga zerur bolan esbaplary ýasamak bilen meşgul bolupdyrlar.

Goňurdepeden başga-da birnäçe gymmatly tapyndylar tapyldy. Alym W.I.Sarianidi Goňurdepäni öwrenmekde uly işleri bitirdi. Onuň «Marguş», «Goňurdepe», «Gadymy Margiananyň genji-hazynasy» atly kitaplary gadymy Marguş ýurdunyň taryhyny öwrenmekde gymmatly baý çeşme bolup durýar. Bu ýerden tapylan tapyndylar häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet Medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde we Mary welaýatynyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýinde saklanylýar.

**Mahym NARMYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

# ALTMYŞ BALLYK SOWAL



Bir ýerde ýaşaýan dört talyp ir bilen turup bilmändikleri üçin, ilkinji sagatda matematika dersinden boljak synaga ýetişip bilmediler. Talyplar biraz wagtdan soňra, matematika mugallymynyň ýanyna baryp, ýolda gelýärkäler, münen maşynlarynyň tigriniň ýarylandygy we şol sebäpli synaga gijä galandyklaryny aýdyp, ýalan bahana tapmaly boldular. Bu adatdan daşary ýagdaý sebäpli, mugallymyň olara täzeden synaga gatnaşmalydygyny aýtdy. Köp çarşenbäni başyndan geçiren mugallym talyplaryň ýüzüne esli salym seredip durandan soňra, şeýle diýdi:

— Ýeri bolýar, ertir siziň dördüňizden hem synag alaýyn…

Ertesi gün mugallym dört talyby boş bir synpa getirip, bir-birinden uzak ýerlerde oturtdy we synagyň şertini düşündirdi:

Bilşiňiz ýaly, bu sapakdan geçmek üçin azyndan 50 bal almaly bolarsyňyz. Häzir size 5 sowal bermekçi. Ilkinji dört sowalyň her biri 10 bal, ahyrky sowal bolsa 60 ballyk soragdyr. Okuwçylar tolgunçly ýagdaýda derrew kagyz-galama ýapyşdylar we mugallym ilkinji dört sany ýönekeýje matematika meselesini sorandan soňra, 60 ballyk bäşinji sowaly tagta ýazdy:

«Synaga ýetişmezligiňize sebäp bolan maşynyň haýsy tigri ýaryldy?»

**Sylapberdi ÇARYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# ATLAR HAKYNDA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Atlar adam duýgularyny aňşyryp bilýär. Olar eýesiniň gaharlydygyny ýada şähdi açykdygyny duýup başarýarlar.
- Atlaryň ýatkeşligi gaty ýitidir. Olar uzak ýyllardanam soňam bir wagtky gören adamlaryny tanap bilýärler.
- Atlaryň gözleri iki gapdalda ýerleşenligi üçin, olar töweregini takmynan 360 gradus görmäge ukyply.
- Atlar aýak üstünde durubam uklap bilýär. Ýöne doly dynç almaklary üçin olar ýerde ýatýarlar.
- Adaty ýagdaýda atlaryň ýüregi minutda 30-40 gezek urýar, aýlawa çykanlarynda bolsa bu görkeziji 240-a baryp ýetýär.
- Atlaryň iň ýokary tizligi 70 km/sagatdyr.
- Atlar diňe burunlaryndan dem alýarlar.
- Atlar biri-birini köşeşdirmäge ukyplydyrlar.
- Atlaryň dişleri ömrüniň ahyryna çenli ösýär. Dişleriniň kömegi bilen olaryň ýaşy kesgitlenilýär.
- Atlaryň ömrleriniň uzaklygy ortaça 25-30 ýyldyr. Käbir atlar 40 ýyla çenli ýaşap bilýärler.

**Ökdem AHMEDOW,**
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.



# Maňa seniň sözleriňden gitme ýok

*(şahyrana oýlanma)*



*Maňa — seniň gözleriňden gitme ýok.*
*Maňa — seniň sözleriňden gitme ýok.*

Bu ýürekden aýdýan setirlerimi seniň öňüňde dyzyma çöküp, uly joşguna berlip okap başladym. Okaýan goşgy setirlerimi ak ýürekden kabul etmegiňi isläpdim. Kalbymyň joşgunynda ýüregimden syzlyp çykýan setirleri ikimiziňem göwün ganatymyzy asmana göterjekdigine berk ynanýardym. Soňam:

*Düşün, bu dünýede soňky güne çen*
*Seniň şatlyk hem gussaňa bagly men —*

diýipdim. Seniň düşnüksiz garaýan gözleriňi görübem, ýene-de Gurbannazar şahyryň kalbyňy lerzana getirýän sözlerin gaýtaladym:

*Seniň ýüpek gijeleňden gitme ýok,*
*Seniň aýdyň gündizleňden gitme ýok,*
*Bu garagol jahyllykdan giderin,*
*Ol hasaly gojalykdan giderin,*
*Çünki men olardan gitmän bilemok,*
*Emma seniň ykbalyňdan gitme ýok.*

Az-kem perwaýsyz görünseň-de, seniň yşka teşne kalbyňda täze bir sahypanyň açylýandygyny görüp, şygyr okamagymy dowam etdirdim:

*Men zemin,*
*Sen bolsa, ullakan asman,*
*Saçlaryň nur edip üstüme dökýäň.*
*Emma, düşün, läläm, şeýle gün dogar;*
*Saçlaryň gar bolup üstüme ýagar.*
*Şonda ak saçyňy sylyp ýüzüme*
*Gararyn belentden ýeriň üýzüne.*

Men bu sözleri aýdýarkam, aşyk dünýämde gopýan düşnüksiz galagoplygyň nä derejä ýetendigini bilsediň. Bu meniň saňa bolan belent söýgümiň çeşmeleriň durulygy ýaly päkdigini, ajaýyp ertirlerde yşka dolan köňül eýwanymyzda bagtymyzyň kuýaş bolup dogjakjakdygyny aňlatmaýarmy eýsem?! Seniň gözleriňde kemkemden ýakymly duýgularyň heseri aýlanyp başlandy. Begenjime ýene-de jadyly setirlere özümi berdim:

*Men bir gyzda gözleriňi görerin,*
*Men bir gyzda sözleriňi görerin.*
*Şapakda görerin — ýaňagyň alyn,*
*Gijede görerin — ýaňagyň halyn,*
*Synlap ýapraklaryň ýüzünde derin,*
*Onda seniň gözýaşyňy görerin.*

Görsem, owadan gözleriňde söýginiň çyn alamatlary görnüp başlandy. Şonda meniň arzuw-umytlarymyň, söýgi atly ganatymyň asmanda pel-pelläp uçuşyny diýsene. Men şonda ýürekden çykan jadyly setirlerimden razy boldum, gyzam razy bolana meňzeýär. Gyz öňünde artyk söze daýanman, sözümi jemlemäge çalyşdym:

*Zemin aýlanyp dur,*
*Oňatlyk örän!*
*Hiç bir güýje oň ýoluny tutma ýok.*
*Dünýäň her gülünde men seni görýän,*
*Şonuň üçin bu dünýeden gitme ýok.*

Goý, ajaýyplygyň gujagyna dolan pynhan duýgularymyz bagta barýan ýolda büdremesin. Goý, ikimiziň pynhan söýgümiz şuglaly ertirlerimize egsilmejek nuruny saçsyn! Bagt näme? Bagt öz bagtyňa garaşmakdyr.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

2026-njy ýylyň 7-nji ýanwarynda Daşary işler ministri Raşid Meredow Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Elizabet Rud bilen duşuşdy.

# TEKEPBIR GYZ

*(Hekaýa)*

Ahyr soňy sabyrsyzlyk bilen garaşylan pursat ýetip geldi. Okuwyň iň soňky günleridi. Her kim orta mekdebi tamamlap, ýokary okuw mekdebine girmegiň arzuwyndady. Mugallym synpdaşlarymdan okuwy tamamlap, haýsy hünäri saýlajakdygy barada sowal-jogap alyşdy. Her kimde bir hyýal, bir umyt bardy. Kimsi bagban bolup, täze nahallary ýetişdirip tebigaty gözelleşdirmek islese, käsi lukman, käbiri bolsa mugallym bolmak arzuwyndady. Meniň hem çagalykdan arzuwym ýokary okuw mekdebinde talyp bolup, öz saýlan hünärimiň eýesi bolmakdy.

Ine, ahyrky synaglary abraý bilen tabşyryp, okuwy tamamladyk. Meniň hem esasy maksadym ýokary okuw mekdebine girmekdi. Synaglar üçin öýdäkiler bilen hoşlaşyp paýtagta ugradym. Öýden ilkinji sapar aýrylyp gaýdýanymdanmy, nämemi, maşgalamyz bilen hoşlaşmak birbada agyr düşüpdi. Mähriban käbäm şowlulyk arzuw edip maňlaýymdan öpdi-de, el torbama gyzgynja çörek salyp, ak pata berip ýola ugratdy.

Synag pursatlaram ahyry gelip ýetdi, mugallymlary görenimde, ýüregim çalt-çaltdan urýardy. Ýokary okuw mekdebiniň howlusy oglan-gyzlardan doludy. Synaglardan üstünlikli geçip, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň talyby bolmak maňada miýesser etdi. Şol pursat gözümden begenç göz ýaşlary akýardy. Şatlykly habary ilki käbäm bilen paýlaşdym. Ol bu habara biçak begendi. Käbämiň tolgunmak bilen ene ýüreginden aýdan mähirden püre-pür sözlerini eşidip iki bolup bilmedim.

Şeýdibem, ilkinji sapaklar başlandy. Talyp topardaşlarym bilen dessine öwrenşip gitdim, ýöne topardaky gyzlaryň biriniň özüni alyp barşynda hiç göwnüm suw içmedi. Ol gyzyň ady Jerendi. Göwnüme bolmasa, Jeren maňa basdaşlyk edýän ýalydy. Topardaşlarymyzyň hem hiç birisiniň bilim derejesi biri-birinden kem däldi. Ýöne, Jeren ikimiz basdaşlykdanmy, bäsdeşlikdenmi, nämemi, sapaklarda has hem gowy ýetişik gazanýardyk.

Günleriň birinde men hemişekiler ýaly okuwa geldim-de, sapaklar başlaýança, biraz kitaphana baryp, çeper eserler bilen gyzyklandym. Görsem kitaphanada Jerenem kitap okap oturan eken. Soňra sapaklar başlandy. Mugallym öýe ýumuş hökmünde makala ýazyp gelmegimizi tabşyrdy. Gijara çenli makalamy ýazyp ertire taýýarlap goýdum.

Ertesi okuwa irräk gelenimden soň, kitaphana baryp täze gelen gazetlere göz gezdirdim. Görsem, ol ýerde Jeren hem bar eken. Ol hem gazetlere güýmenip otyrdy. Sapak başlanda mugallym ýazan makalalarymyz bilen gyzyklandy. Höwes bilen agşamky ýazan makalamy mugallyma görkezmäge howlukdym. Emma her näçe jan etsemde, okuw torbamdan makalamy tapman kösendim. Her näçe jan edip düşündirjek bolsamam şol gün okuwdan ikilik bilen dolanmaly boldum. Gelsem agşam ýazan makalamyň otagymda-da ýok.

Her günküler ýaly ýene-de okuwa ýygnanyşdyk. Talyp oglandyr gyzlar dogan ýaly gülüşip degişýärdi. Ýöne näme üçindir Jeren bize goşulyşyberenokdy. Ol her näçe gowy okasa-da, häsiýeti garasöýmezräkdi. Her gün okuwa gelende hiç kim bilen hal-ahwalam soraşman, ulumsylyk bilen ýerine geçip oturardy. Onuň bu bolşuna hiç kim düşünip bilenokdy, köpçülikden ala-böle ýeke özüniň saýlanyp oturmagy gelşiksiz ýagdaý döretýärdi. Soňabaka deň-duşlary, onuň bu gylyk-häsiýeti bilen öwrenşip, oňa kän bir üns bermän başladylar.




Okuw adatdakysy ýaly dowam edip durdy. Topardaşlarymyzyň doglan günleri birin-birin gutlanardy. Günler aýlanyp ahyry Jereniň doglan günü-de gelip ýetdi. Her gezek doglan günden bir gün öň maslahat edilip, her kim bir sowgat almak barada maslahat edilerdi. Topardaşlaryma ýüzlenip: «Ertir Jereniň doglan güni, näme sowgat alarys?» diýemde, hiç kim meniň sowalyma baş galdyrmady. Gaýta: «Ol bizsiz oňýara, ýene-de oňybersin-dä» ýaly sözler okuw otagynda ýaňlandy. Men bolsa «Beýtmäliň, onuň bilen deň bolmalyň» diýip, olara garşy geldim. Toparyň içinde meni goldanlaram boldy. Ahyry gyzlaryň biri: «Bolýar, biziň bir şertimiz bar, siz öz sowgatlaryňyzy taýýarlaň, ýöne, Jerene birazajyk özüniň garasöýmezligini duýar ýaly edeliň. Ýöne göwnüne degmäliň» diýdi. Biz onuň teklibi bilen ylalaşdyk.

Jeren okuwa geldi. Hiç kim ony doglan güni bilen gutlamady. Ol bu gün süýjilik getirendigini, okuwdan soň getiren süýjiligini kesjekdigini aýtdy we topardaşlarymyza okuwdan soň bu ýerde galmaklaryny teklip etdi. Hiç kimden ses çykmady.

Okuwdan soň topardaşlarymyz birin-birin synpdan çykyp başladylar. Jeren ozal ýeke gezegem gürleşmedik topardaşlarynyň çykyp gitmeklerine zat diýip bilmedi. Hemmeleriň ýüzüne «galaýyň» diýen äheňde howandarlyk gözläp naýynjar seretdi. Emma synpda hiç kim galmady. Jeren bu ýagdaýa gözlerini ýaşdan dolduryp aşak oturdy. Garasöýmez, ol bolşuna-da özünden göwni hoş gyzyň öňki halyndan nam-nyşan galmandy. Öz taýýarlan zatlarynyň ýüzüne seredip aglamaga başlady. Az wagt garaşdyran topardaşlarym bu ýagdaýa dözmän birdenem, topar bolup el çarpyşyp synpa girdiler, her kim tekepbir gyzy doglan güni bilen gutlamaga başlady. Jeren muňa aňk-taňk boldy, bizi görüp diýseň begendi. Men Jereni gujaklap, gözýaşlaryny süpürdim, soňam oňa alan öz sowgadymy gowşurdym. Jeren garaşylmadyk ýagdaýda begenjine hemmesine minnetdarlyk bildirdi. Şol pursat topardaş oglanlaryň biri: «Jeren sen bu zatlar üçin Marala «Sag bolsun!» aýt, bizi goýman şu ýere getiren şol» diýdi. Jeren ýüzüme seredip meni gujaklady hemde ähli topradaşlaryndan ötünç sorady. Olar muňa el çarpyşdylar. Şeýlelikde, Jereniň doglan güni gaty gyzykly geçdi.

Ertesi ýene-de okuwa geldik. Geň görmeli Jeren okuwda hemmeler bilen goşulyşyp başlady. Sapaga girenimizden Jeren ýerinden turdy-da: «Topardaşlar men Maraldan ötünç soraýaryn!» diýip, söze başlady. Biz hiç zada düşünmedik. Jeren: «Maralyň makalasynyň ýokdugy üçin mugallym oňa ikilik goýupdy. Şol gün onuň makalasyny basdaşlyk edip, men ýygnapdym» diýip eden ýalňyşlygyny boýnuna aldy we ökünýändigini aýtdy. Ol meniň ýanyma gelip menden täzeden ötünç sorady. Men Jereni bagyşladym. Jeren indi hemmeler bilen dogan ýaly bolup gatnaşyp başlady.

***Agzybirligiň hem-de ynamyň bar ýerinde çözülmejek mesele açylmajak syr ýokdur. Şol pursat agzybirligiň hemme zatdan üstündigine ýene bir gezek göz ýetirdim.***

**Züleýha GAÝGYSYZOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# MAKSADYŇYZA ÝETMEK ÜÇIN BÄŞ ÄDIM

Talyplyk ýyllary durmuşyň iň gyzykly, şol bir wagtyň özünde-de iň jogapkärli döwri. Bu döwürde geljegiňi gurýarsyň, täze bilimleri we endikleri özleşdirýärsiň. Emma, käwagt ýadawlyk, gaýgy we ruhdan düşmek ýaly duýgular hem ýüze çykýar. Geliň, maksadyňyza ýetmek we talyplyk döwrüňizi netijeli geçirmek üçin bäş sany esasy ädimi bilelikde öwreneliň!

***1.Maksadyňy anykla: «Näme üçin ýokary bilim alýarsyň?»***

Höwesiň iň uly çeşmesi — bu siziň öňde goýan maksadyňyzdyr. Diňe bir diplom almak üçin däl, eýsem, bu bilimiň geljekde size nähili gapylary açjakdygyny göz öňüne getiriň! Öňüňize uly maksat goýuň: Haýsy hünäriň eýesi bolmak isleýärsiňiz? Jemgyýete nähili peýda getirmek isleýärsiňiz?

*Wizuallaşdyrmak:* Arzuwyňyzdaky işiň ýaşaýşyňyzy gözelleşdirip biljekdigini göz öňüne getiriň. Bu kynçylyk dörän pursatlarda öňe gitmäge kömek edýän guraldyr.

*Ýatlama:* Maksat size ir bilen turmaga we netijeli okamaga itergi berýän içki güýçdir.

***2. Wagt bütinleýin dolandyrylýan baýlykdyr.***

*Talyplyk döüründe etmeli işleriň:* sapaklar, öý işleri, jemgyýetçilik durmuşy, dynç almak. Bularyň hemmesinde deňagramlylygy saklamak üçin, wagty dolandyrmagy, tygşytlamagy öwrenmek esasy zatdyr.

*Möhüm we möhüm däl işler:* Işleriňizi möhümligine we gyssaglylygyna görä tertipläň (Eisenhower matrisasy).

*Kiçi Ädimler:* Uly taslamalary kiçijik, aňsatlyk bilen ýerine ýetirilip bilinjek böleklere bölüň. Meselem, «Kitaby okamak» däl-de, «Her gün iň bolmanda on bäş sahypany okamak».

*Dynç almagy ýatdan çykarmaň:* Beýniňiz dynç alanda has gowy işleýär. Dolandyryşyň bir bölegi hem ýeterlik dynç almagy meýilleşdirmekdir.

***3. Ýeňilmek — ösüşiň parçasy.***

Öz-özünden üstünlik gazanyp bolmaýar. Pes bahalar, şowsuz synaglar ýa-da islenilýän netijäniň bolmazlygy siziň ukypsyzdygyňyzy aňlatmaýar. Ol diňe başgaça hereket etmelidigiňizi görkezýär. Öz-özüňize rehimdar boluň. Ýalňyşlaryňyz üçin özüňizi aşa tankytlamagy bes ediň. Her ýeňliş — bu täze bir zady öwrenmek üçin mümkinçilikdir.

*Pikir ýöredişiňizi üýtgediň:* «Men başarmadym» diýmegiň ýerine, «Indiki gezek näme etsem has gowy bolar?» diýip, özüňizden soraň.

*Köpçülikden kömek soraň:* Kömek soramak aýyp däl, eýsem, bu akyllylygyň alamaty. Mugallymlaryňyzdan ýa-da has tejribeli talyplardan maslahat soramak — bu pespällikden nyşandyr.

***4. Şahsy toruňyzy guramagy başaryň!***

Talyplyk ýyllaryňyzy diňe bir kitap okamak bilen geçirmän, eýsem, geljekki kärdeşleriňiz bilen aragatnaşyk gurmak üçin hem ulanyň.

*Toparlara goşulyň:* Hünär toparlaryna, ylmy klublara ýa-da meýletinçilik işlerine goşulyň.

*Mugallymlar bilen aragatnaşyk:* Olar siziň ugruňyz boýunça gymmatly tejribä eýe. Olaryň berýän maslahatlary we hödürleýän mümkinçilikleri geljekde siziň üçin möhüm ähmiýetlidir.

*«Bilelikde has güýçli»:* Okamak ýa-da taslamalaryň üstünde bilelikde işlemek siziň bilim derejäňizi ýokarlandyrýar hem-de ruhubelentlik eçilýär.

***5. Ýaşaýşyňy doly üpjün et!***

Ruhy güýç diňe bir okamak däl, eýsem, ol ýaşaýşyňyzdan alýan energiýaňyzdyr.

*Bedeniňizi sagdyn saklaň:* Sagdyn iýmitlenmek, yzygiderli maşk etmek we ýeterlik uky — bular beýniniň iň ýokary depginde işlemegi üçin esasy şertlerdir.

*Gyzykly we peýdaly güýmenjeler bilen meşgullanyň:* Okamakdan başga gyzyklanýan zatlaryňyza wagt aýryň. Bu pikiriňizi durlamaga we energiýa toplamaga kömek eder.

*Üstünlikleriňizi bellik ediň:* Synagdan geçeniňizde, kyn taslamany tabşyranyňyzda ýa-da hatda gowy sapak alan günüňizde-de, özüňizi sylaglamagy ýatdan çykarmaň!



Talyplyk ýyllary ýuwaş-ýuwaşdan geçip gider. Häzirki edýän her bir tagallalaryňyz, okan ylmy we çeper eserleriňiz geljekki üstünligiňiziň binýadydyr. Özüňize ynanmagy we maksadyňyza tarap yzygiderli hereket etmegi dowam ediň.

**Geldimyrat TAGYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

2026-njy ýylyň 7-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň Pakistan Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Faryal Legari bilen duşuşygy geçirildi.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: A.Kaşaňow.
Jogapkär kätibiň orunbasary: O.Çaryýarowa.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.
Korrektorlar: A.Döwletowa, B.Baýhanow.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com